# Derwüş

Category: Goşgular,Kitapcy,Sözler
написано kitapcy | 23 января, 2025
Derwüş DERWÜŞ

Il-gün üýşer.
Ýakyn geler.
Ýat geler.
Süýji-süýji arzuw besläp toýuña.
Çagyrylyp,
soñam ýatdan çykarlan
Meñzäp alyslardan gelen derwüşe
Menem bir gyrada ümsüm oturyp
Gözlerimi ajy ýaşa dolduryp
Sereder duraryn derek boýuña…
Aýyp.
Diýseñ aýyp!
Geçeni ýatlap
Seni öwran-öwran guçanym ýatlap
Goşgy ýazan bolmak,
Şol ajap günde.
Wyždanym teselli bermekden geçen
Ýazgarar taşlanyp umytdan düşen
Senli geçen günlerime baglanyp
Aýralyga ýugrup iñ soñky gezek
Ýüregmiñ damarny üzüp goýberen
Hijran bilen tamamlanan gününi
Hakydamdan pozman,
Unudyp bilmän
Hasratyña döz gelşini ömürlik…
Hem ýaraly gursagymy syzladyp
Gargalara şam bolşuny guñçamyñ
Goltugy maññally ajal melegne
Çakylyk ugradyp öz ölmi üçin
Soñam öz agysyn aglap oturan
"Iñ soñky demimde bir gezek görsem
Gözüm açyk gitmez ýalan panydan"
Diýýän bir namyrat görgüli ýaly

Kükregimi ýaryp çykan bentlerde
Aýtmasyz sözlerem içine goşup
Ölýänçäm pyşyrdar aýdar gezerin.
Hak öňünde müýnli tawus mysaly
Aýaklarma tiňkelermi gözledip
Soňudagda,
Hasarlarda,
Süntlerde
Şibli babaň demi düşen ýerlerde
Tebsirän çagymda içerin diýip
Goşawujym bilen ýagyş-ýagmyryň
Suwundan dolduryp goýan golçamyň
Erňegine eňek basyp guş bilen
Börüleri höwür saýyp özüme
Ilden daşlaşaryn Kaýs mysaly
Giderin ýoklukdan seniň keşbiňi
tapjak bolýan däli-diwana ýaly…
Gülüşerler,
gybat kakar görenler
Albassyny kowýan porhanlar kimin
Tegelenşip küşt deperler daşymda
Orramsylar şatlygyndan pyrlansa
Tüweleý pyrlanar meniň başymda.
Sabyr-takat galmaz ýaşamaklyga
Maňa hemme zadyň gutaran güni.
Meni bagtsyzlygyň derwüşi kylyp
Seni bagt ýoluna ataran güni.
Täleýime müň mertebe gargynyp
Milýon jöwlan ursam,
Peýdasy bolmaz.
Dahan içre dilleriňde bal ezlen
Günler deňimizden geçip gidensoň
Keç pelek etjegin edip dynansoň
Bilbilinden jyda düşen lälämiň
Waspyny ýetirjek şeýdasy bolmaz…
Has TÜRKMEN. Goşgular